*12-nji tema*: **Türkmen Türkçesinde basit cümleler** (Türkmen dilinde ýönekeý sözlemler)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

Biz bu derste Türkmen dilinde kullanılan basit cümlelerin şekil ve cümle kalıpları hakkında detaylı bilgi vereceğiz. Yüklemi fiilden olan cümlelere göre aşağıdaki örnekleri elde edebiliriz. (11'in devamı)

9."Ýaly, kimin, dek" sözsoňy kömekçili at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_{\text{ýaly /kimin /dek}}$ = sözsoňy kömekçili at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Gül ýaly bezenipdir.**
- ✓ **It ýaly ýadadym.**
- ✓ **Arslan kimin topuldy.**
- ✓ **Düýş ýaly bolup geçdi.**
- ✓ **Çaga ýaly bolma…**

10."Sebäpli" "Sebäpden" sözsoňy kömekçili at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_{\text{sebäpli / sebäpden}}$ = sözsoňy kömekçili at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Otly sebäpli gijä galdyk.**
- ✓ **Ýagyş sebäpli gatnamaýar.**
- ✓ **Çagasy sebäpden gatnaşmandyr.**
- ✓ **Batgalyk sebäpli ýöremändirler…**

11."Üçin" sözsoňy kömekçili at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_{\text{üçin}}$ = sözsoňy kömekçili at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Ahmet üçin aldym.**
- ✓ **Oglum üçin taýýarladym.**
- ✓ **Parahatçylyk üçin göreşeliň!**
- ✓ **Kakam üçin azara galma!…**

12.“Hakynda, hakda, barada” sözsoňy kömekçili at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_{\text{hakynda, hakda, barada}}$ = sözsoňy kömekçili at; I = işlik
Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Ene hakynda gürrüň berdi.**
- ✓ **Watan hakda aýdym aýtdyk.**
- ✓ **Iş barada alada etme.**
- ✓ **Bilet hakynda gepleşdiňmi?**
- ✓ **Kakaň hakynda oýlan…**

13.Ýöneliş düşümdäki “görä, çenli, tarap, sary, baka, dogry…” sözsoňy kömekçili at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_{3\ +\ \text{görä, çenli, tarap, sary, dogry}}$ = sözsoňy kömekçili at; I = işlik
Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Gapa tarap ugradym.**
- ✓ **Mekdebe bakan gitdi.**
- ✓ **Deňze dogry at goýdular.**
- ✓ **Şähere çenli äkitjekmi?**
- ✓ **Uniwersitete baka ýola düşdüler…**

14.Çykyş düşümdäki “başga, özge, bäri, aňry, ozal, öň, soň…” sözsoňy kömekçili at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_6$ + başga, özge, bäri, aňry, ozal, öň, soň.. = sözsoňy kömekçili at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Düýnden bäri garaşdym.**
- ✓ **Martdan ozal işläpdim.**
- ✓ **Başlykdan soň geplemediler.**
- ✓ **Senden öň geldim.**
- ✓ **Agşamdan bäri ýagýar.**
- ✓ **Işden soň garaşdyk.**
- ✓ **Ertirden bäri agyrýar.**

15. Baş düşümdäki at, hal we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_1$ = 1-nji düşüm (baş) at; HAL = hal; I = işlik

Sözlem kody: E = eýe; D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Ahmet gowy okaýar.**
- ✓ **Ata ertir gelmeli.**
- ✓ **Olar düýn ugrapdyr.**
- ✓ **Siz çalt ýöremelisiňiz.**

- ✓ **Otly ýuwaşjadan hereketlendi…**

16. Hal, baş düşümdäki at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: HAL = hal; $A_1$ = 1-nji düşüm (baş) at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; E = eýe; H= habar

- ✓ **Düýn gar ýagdy.**
- ✓ **Häzir sapak başlanýar.**
- ✓ **Basym awtobus geler.**
- ✓ **Ertir sapak bolmaz.**
- ✓ **Agşam Ahmet gelmeli…**

17. Ýöneliş düşümdäki at; hal we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_3$ = 3-nji (ýöneliş düşüm) düşümdäi at; HAL = hal; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; : D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Şähere düýn gitdiler.**
- ✓ **Size köp aýtdyk.**
- ✓ **Oňa gowy käýedim.**
- ✓ **Ahmede berk tabşyrdyňmy?**
- ✓ **Işe ertir gidersiň…**

18. Hal; ýöneliş düşümdäki at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: HAL = hal; $A_3$ = 3-nji (ýöneliş düşüm) düşümdäi at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; : D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Düýn Ankara geldik.**
- ✓ **Häzir bazara gideliň.**
- ✓ **Agşam teatra giderismi?**
- ✓ **Ertir uniweritete gidersiň…**

19.Ýeňiş düşümdäki at; hal we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: $A_4$ = 4-nji (ýeňiş düşüm) düşümdäi at; HAL = hal; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; : D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Ahmedi düýn gördüm.**
- ✓ **Gapyny ýuwaşja kakdym.**
- ✓ **Hatyňy bulaşyk ýzypsyň.**
- ✓ **Ony irden garşyladyk.**
- ✓ **Gözüňi giňräk aç.**
- ✓ **Jogabyny soňra aýdarsyň.**

20. Hal; ýeňiş düşümdäki at we işlikden bolan ýönekeý sözlemler.

Şekil kody: HAL = hal; $A_4$ = 4-nji (ýeňiş düşüm) düşümdäi at; I = işlik

Sözlem kody: D / AHW = doldurgyç / ahwalat; : D / AHW = doldurgyç / ahwalat; H= habar

- ✓ **Ertir Ahmedi ugratmaly.**
- ✓ **Basymrak doktory çagyryň.**
- ✓ **Şu gün Atany sorapdyrlar.**
- ✓ **Ilki sizi ugradaýyn.**
- ✓ **Soňra çagalary alaryn…**

**ÝUMUŞ**: Ýokardaky türkmençe ýazylan sözlemleri hem kiril harplary bilen ýazmaly hem-de Türkçä terjime etmeli.